# Abadana

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Abadana ABADANA

Saňa bagyşlanan gazalym üçin,
Özümi bagtly saýdym men, uýam.
Mähir-muhabbetden doly keşbiňde,
Perişdäniñ barlygynna uýdum men, uýam.

Joşa getirip sen şahyr ylhamyn,
Sende gördüm müň bir derdiň melhemin,
Bu ömrüme bolarmysyň hemdemim?!
Belki, «Humarala“ sazy, Abadan.

Diýjek şuny—sen gösellik nusgasy,
Hem sadalyk, hem pespällik nusgasy,
Halallygyň gönezligi, gözgüsi,
Rugsatmydyr öpsem, tozuň, Abadan.

Gözüm gözleriňe düşen halaty,
Aý, gyz, ynan, ýürek seni halady,
Pelpelledi gökde göwün ganaty,
Peri-peýker, guba gazym, Abadan.

Waspyňy söýlärden ejiz men, janym,
Bu dünýäde sen soltanym, sen hanym,
Unutman dünýäde urýarka ganym,
Ne owadan bahar-ýazyň, Abadan.

Indi göwün her gün seni gözleýär,
Hyýalymda saçlaryňy çözleýär,
Ynan janym, göwün sen diýip sözleýär,
Ýaksa ýaksyn kerkaw közüň, Abadan.

Göwün etme, uýam, garry şahyrdan,
Aýdanlary enaýy däl jahyldan,
Garrapdyr, söz açýar Zöhre-Tahyrdan,

Daşda däldir mahmal ýazyň, Abadan.

Nesip etsin bize toýuň toýlamak,
Şady-horram ummanyny boýlamak,
Durmuş eşretinde gülüp-oýnamak,
Mynasypsyň muňa özüň, Abadan.

Allaýar ÇÜRIÝEW. Goşgular